# ŞAN KÖRAN TOPARY

| | | |
|---|---|---|
| Sungat režissýory | **Şan Köran** | |
| Sungat režissýorynyň kömekçisi | **Elizabet Koker Giron** | |
| Tansçylar | **Rebekka Arends**<br>**Ewan Kouplend**<br>**Elizabet Koker Giron** | **Deýwid Gonsier**<br>**Toni Guglietti**<br>**Şeýn Dennis Rutkowski**<br>**Reýçel Salzman** |
| Yşyk bezegi we tehniki režissýory | **Joe Doran** | |
| Toparyň gastrol dolandyryjysy | **E. Jon Pendlton** | |
| Ýeke-täk wekiliýet | **“IMG Artists” korporasiýasy** | |
| ”Curran Events, INC.” kärhanasynyň başlygy | **Gabriel Gosner** | |

MEÝILNAMA

**“Metal Garden”** (Metal bakja) (2001)
Horeografiýany goýan **Şan Köran**
Ilkibaşda sazy ýazan **Tigger Benford** we **Piter Jons**
(saz, joneschord.com salgysynda elýeterlidir)
Yşyk bezegi **Filip Sandstrom**, gaýtadan döreden **Joe Doran**
Ýerine ýetirýär **Topar**

*“Metal Garden” (Metal bakja)* Tigger Benford we Pitr Jons tarapyndan kakylyp çalynýan saz gurallary we pianino bilen taýýarlanan, ýüzugra döredilen jaz sazyna garşy döredilen häzirki zaman böküp oýnalýan tansydyr. Göz gamaşdyryjy eser, Bali tansy we Indoneziýa tansy ýaly biri-birinden düýpgöter tapawutly hereketleri Amerikan saz teatry şekillerine girizýär. Üç jübüt we bir özbaşdak tansçy/ýolbaşçy tarapyndan ýerine ýetirilýän *Metal Garden (Metal bakja)* hem köpçülige görkezmek üçin, hem tansçylaryň biri-birine hünärlerini görkezmek maksatly tansdyr.

**“Hard Bargain”** (Kyn çekeleşik) (2010)
Horeografiýany goýan **Şan Köran**
Sazy **Jorj Fredrik Handel**, aýdymyny aýdan **Deýwid Denielz**
Yşyk bezegi **Joe Doran**
Ýerine ýetirýär **Rebekka Arends** ýa-da **Toni Guglietti**, **Ewan Koupland** ýa-da **Elizabet Koker Giron**, **Deýwid Gonsier** ýa-da **Reýçl Salzman** we **Şeýn Rutkowski**

*“Hard Bargain” (Kyn çekeleşik)* dürli pikirleri we meseleleri bolan dört şahsyň tansyň üsti bilen öz aralarynda gürleşmegidir. Hyýaly gepleşik gitdigiçe gaharjaň, gödek hereketlere öwrülýär we biri-biri bilen ylalaşyp ýa-da ylalaşman bilýän dört adamdan ybarat kwartet bilen netijelenýär. Howaýy hereket dili kyn we güýçli hereketler bilen bize dört tansçyny/diplomaty iş başynda we oýun başynda görkezýär.

**“Social Discourse”** (Jemgyýetçilik pikir alyşmasy) (2007)
Horeografiýany goýan **Şan Köran**
Sazy **Tom Ýork**
Yşyk bezegi **Joe Doran**
Ýerine ýetirýär **Rebekka Arends**, **Ewan Koupland**, **Elizabet Koker Giron**, **Deýwid Gonsier**, **Şeýn Rutkowski** we **Reýçl Salzman**

*“Social Discourse” (Jemgyýetçilik pikir alyşmasy)* “S” harpynyň içini daşyna çöwürýän ýaly hereket etmäge synanyşmagyň resmi birleşmesi meselesini hersi öz başyna çözýän alty tansçydan ybarat häzirki zaman şäher halk tansydyr. Yzygiderli inçe we çalt jübüt döretmek hereketlerine giňligi üznüksiz ulanmak we giňlikde garşy tarapdaky nokada tans bilen hereket etmek eýerýär, solist bolsa ýygnanan materialdan peýdalanyp, çylşyrymly bir matematiki meseläni çözýär. Bu hyýaly suratkeşlik ýaly tansyň ahyrynda bolsa reňk energiýasynyň çogup çykmagy bilen hersi üç tansçydan ybarat iki topary görýäris.

Hyzmata girizenler: Bessi Şönberg/“First Light Commissioning” we “Ford gaznasynyň” goldawy bilen Tans teatrynyň iş ýeriniň Döredijilikli ýaşaýyş meýilnamasy, Sungata milli hemaýat guramasy, bir federal gurama bolan Nýü- Ýork ştatynyň sungat geňeşi, Jerome Robbins gaznasy we St. Benedikt koleži (St. Žozef, MN).

*Şan Köran toparynyň çykyşlary Nýü- Ýork ştatynyň sungat geňeşiniň üsti bilen berilýän döwlet goldawynyň, Sungata milli hemaýat guramasynyň goşandynyň, “Altria Group, Inc.” we O’Donnel Green gaznasynyň goldawlary bilen tomaşaçylara ýetirilýär.*

*Şan Köran bu tanslary döretmekde hyzmatdaşlyk edendikleri üçin tansçylara minnetdarlyk bildirýär.*

Gastrol barada maglumat üçin ýüz tutuň:

R. Maýkl Blanko
Taslamanyň müdiri - DanceMotion USASM
BAM
30 Lafayette Avenue
Brooklyn, NY 11217

Tel + 1.718.623.7817

# ŞAN KÖRAN TOPARY

**Şan Köran topary** Debora Jowit Şan Köran toparynyň çykyşyna tomaşa edeninden soň *"The Village Voice" (Obanyň sesi)*-de şeýle ýazypdy: "Tansyň özeniniň näme bolup biljekdigini maňa ýatladýan gowy bir zat görenimde, söz bilen düşündirip bolmajak lezzet alýaryn". Bu topar, 1997-nji ýyldan bäri tomaşaçylara lezzet berip gelýär. Özüniň ýiti, ötgür zehini, döredijiligi we adatdan daşary degişmeçiligi bilen tanalýan "Şan Köran" ummasyz köp täsiri sap görnüşli bir stilde birleşdirýär. Toparyň ilkinji uly çykyşy, 1997-nji ýylda *"Folk Dance for the Future" (Geljegiň halk tansy)* eseri bilen "Celebrate Brooklyn"-de görkezildi. Çagalygynda milli Irland ädim tansy boýunça tälim alan Köran şondan bäri özüniň döreden eserlerinde Irland täsirini yzygiderli görkezip gelýär. *"Folk Dance for the Future" (Geljegiň halk tansy)* eseri bilen Köran öz horeografiýasynda Irlandiýa asylly bolmagynyň täsirini ornaşdyryp başlaýar. 1999-njy ýylda geçirilen "Jacob's Pillow" tans şüweleňinde Milli tans taslamasynyň çäginde çykyş etmek bilen, bu topar tutuş döwletde tanymallyk gazandy, şondan bäri Joýs teatrynda, Täze ýeňiş teatrynda, Tans teatrynyň iş ýerinde, St. Mark ybadathanasynyň "Danspace" taslamasynda, "Symphony Space"-de, "92-nji köçe Y Harkness tans" taslamasynda, "Merkezi seýilgäh Summerstage"-de we başga-da birnäçe ýerde çykyş etdi. Şan Köranyň Notr Dam uniwersitetiniň Debartolo sungat çykyşlary merkezinde 2010-njy ýylda görkezilip başlanan iň täze eseri *"Left Exit" (Çepden çykyş)* ruhyýeti, imany we dini seljerýär, adamyň ömründäki möhüm bolmak islegini we bir maksada eýe bolmagyny açyp görkezýär. Birleşen Patyşalykdan Gremmi baýragyny gazanan Kiňz Singers-iň hyzmatdaşlyk etmegi bilen *"Even Here" (Hatda şu ýerde)* eserini döredendigi we aýlanyp görkezendigi üçin topara golaýda "Milli tans taslamasy" baýragy berildi.

**Şan Köran** (sungat režissýory) ýaş oglan mahaly Massaçusets ştatynyň Boston şäherinde milli Irland ädim tansy boýunça tälim alyp başlaýar. Bill T. Jons/Eými Zeýn tans toparynyň esasy tansçysy hökmünde tans äleminde özüni tanadýar. *"Secret Pasture" (Gizlin öri meýdanlary)* çykyşy üçin Nýü-Ýork tans we çykyş ("Bessi") baýragyna mynasyp boldy. Nýü- Ýork uniwersitetiniň Tiş sungat fakultetinde okuwyny tamamlan we şol fakultetiň doly wagtyna işleýän agzasy bolan Köran, Nýü- Ýork şäheriniň Brodweý daşynda görkezilen, kakylyp çalynýan gurallar bilen ýerine ýetirilýän *"Stomp"*-yň ilkibaşda döredilen wagtyndaky agzasy bolup, şol görkezişde dört ýyllap çykyş etdi. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň çäklerinde, şeýle hem, Şwesiýanyň "Danstation" teatrynda, Fransiýanyň "EXIT" şüweleňinde özbaşdak tans agşamlaryny geçirdi. Köranyň teatr taslamalarynyň arasynda Şekspir teatry üçin *"Much Ado About Nothing"* we *"A Midsummer Night's Dream" (Tomsuň ortasynda gijeki düýş)*, St. Luis opera teatrynyň açyk sahnasynda *"Nixon in China" (Nikson Hytaýda)* eseriniň döredilişiniň 20 ýyllygyna bagyşlanyp gaýtadan görkezilişi, Nýü-Ýork şäher operasy üçin *"L'Etoile, Alcina, Turandot, Haroun and the Sea of Stories" (Harun we hekaýalar deňzi), "Capriccio"* we *"Acis and Galetea"* eserleri, Playwrights Horizons'-yň *"My Life with Albertine" (Meniň Albertine bilen durmuşym)* eseri, "Shakespeare in the Park" (Şekspir seýilgähde)-yň *"As You Like It" (Seniň halaýşyň ýaly)* eserleri bar. Ol Metropolitan operasynda ilkinji gezek *"Romeo we Julýetta"* horeografiýasy bilen çykyş edýär. St. Luis opera teatrynda, San Fransisko operasynda, Monreal operasynda, San Diego operasynda *"Salome"* eserine režissýorlyk edýär, golaýda bolsa St. Luis opera teatrynda *"Daughter of the Regiment" (Polkuň gyzy)* eserine režissýorlyk etdi. Köranyň eseri Brodweýde "Playwrights Horizons" üçin Jeýms Joýsyň *"The Dead" (Ölüler)* işinde, Linkoln baş teatrynda *"The Rivals" (Bäsdeşler)* we *"Cymbeline"* işlerinde görkezilýär. Ol Triniti Irland tansy topary, ABT II, Daniýanyň "Upper Cut" topary, Şwesiýanyň Skänes tans teatry, Irland häzirki zaman tans teatry, Riri Wudböri tans teatry we Dance Alloy üçin, şeýle hem, birnäçe koležiň we uniwersitetiň tans bölümleri üçin eserleri döredipdir. Köran Amerikan tans şüweleňinde, Garward tomusky tans merkezinde, Beýts tans şüweleňinde we Bostonyň saz konserwatoriýasynda okadypdyr. *"Irish American Magazine" (Irlandiýaly Amerikanlaryň žurnaly)* žurnaly Körany özüniň "Iň ýokary 100" adamyndan biri saýlapdyr. Ol Nýü- Ýork sungat gaznasyndan Horeografiýa boýunça gözleg işi üçin berilýän hemaýaty hem birnäçe gezek gazandy. Köran haçan-da täze bir eseriň üstünde işlände ýa-da ony ýerine ýetirende özüni bagtly hasaplaýar, ertirki günüň tans tomaşaçylaryny döretmek we olara bilim bermek arkaly tans sungatynyň ilçisi bolmagyny dowam etdirýär.

**Elizabet Koker Giron** (sungat režissýorynyň kömekçisi, tansçy) Waşington baletinde birnäçe möwsüm sahna çykmazdan ozal Waşington balet mekdebinde we Kubanyň milli balet mekdebinde tälim alýar. Ol 2006-njy ýyldan bäri Şan Köran toparynyň agzasy bolup, 2009-njy ýyldan bäri şol toparyň sungat režissýorynyň kömekçisi wezipesini ýerine ýetirýär. Giron şeýle hem Ana Izabel Keilson bilen bilelikde eser döredýär we ýerine ýetirýär. Elizabet Kolumbiýa uniwersitetiniň psihologiýa bölümini "summa cum laude/Phi Beta Kappa" derejesi bilen gutarýar we Kolumbiýa uniwersitetiniň Mugallymlar kolležinde biologiki özüňi alyp baryş ylmy boýunça magistratura girýär. Ol häzirki wagtda Mugallymlar kolležinde doktorantura talyby bolup, tansçylaryň beýinlerindäki motor öýjükleriniň şekillerini peýdalanyşyny seljerýär. Ol St. Luis opera teatrynda, Monreal operasynda, San Diego operasynda, El Paso operasynda we Ýel repertuar teatrynda sahna çykýar we/ýa-da horeografiýa boýunça kömekçi wezipesini ýerine ýetirýär. Ol ýurduň köp ýerinde sapak berýär, okadýar we repertuarlary sahnalaşdyrýar.

**Joe Doran** (yşyk bezegi/tehniki režissýor) "Armitage Gone!" Tans toparynda, "HT Çen we tansçylar", Gabrielle Lansner we kärdeşleri, Marta Graham tans toparlarynda we başga-da birnäçe tans toparynda işläpdir. Ol özüniň 2004-nji ýylda döreden, girdeji gazanmak maksady bolmadyk "Equilateral" atly teatr toparynda sungat režissýory we içerki bezegçisi wezipesini ýerine ýetirýär. Ol golaýda Alpin teatr taslamasy üçin sahnalaşdyrylan, özüniň Olimpia Dukakis roluny ýerine ýetirýän *"The Tempest"* eseriniň bezegini ýerine ýetirdi. Doran sebitlerde taryhy "Swift Creek Mill" teatrynyň we Wirginiýa ştatynyň Riçmond şäherinde "Dogwood Dell"-de sungat şüweleňiniň bezeg işlerini etdi. Ol 2008-nji we 2009-njy ýyllarda Riçmond teatry teswirçileriniň "Adatdan daşary yşyk bezegçisi" baýragyny gazandy. Ol Demirgazyk Karolina sungat mekdebiniň uçurymy bolup, häzirki wagtda Nýü- Ýorkdaky Rezonans toparynyň sungat agzasy we 829. joedorandesign.com Birleşen sahna artistleriniň bileleşiginiň agzasy bolup durýar.

**E. Jon Pendlton** (gastrol dolandyryjysy) öňki Sowet Soýuzynda topar ýolbaşçysy we terjimeçisi bolup, jahankeşdelik pudagynda işläpdir. Ol özüniň ýerine ýetirilýän sungat kärine, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda çykyş edýän Rus toparlarynyň gastrol dolandyryjysy we terjimeçisi bolup başlaýar, soňra bolsa Seatldaky "Pacific Northwest" baletiniň topar dolandyryjysy wezipesine geçýär. Pendlton her ýyl

# ŞAN KÖRAN TOPARY

Edinburg halkara şüweleňinde işleýär, şeýle hem, Bolşoý opera, balet we orkestriniň, Sankt Peterburg filarmoniýasynyň, Moskwa döwlet simfoniýasynyň, Gamburg baletiniň we Pariž opera baletiniň ştatdan daşary topar we gastrol dolandyryjysy bolup işleýär.

**Rebekka Arends** (tansçy) Wiskonsin-Madison uniwersitetinden taryh we Afro-Amerikan gözleg işleri boýunça bakalawr derejesiniň eýesidir. Arends, Denis Jeffersonyň režissýorlygynda Eýli mekdebine gatnaşýar we Oprah Winfreý gaznasyndan talyp haky gazanýar. Arends Şan Köran toparynda tans edýär hem-de Şan Köranyň repertuaryny Eýli mekdebinde/Fordham uniwersitetinde, şeýle hem, Nýü-Ýork uniwersitetiniň Tiş sungat mekdebinde okatmaga kömek edýär. Nýü-Ýorkda ýerine ýetiren beýleki çykyşlarynyň arasynda ROSARIO-ny, Judit Jeýmisonyň *"Divining"* eserini, Elwin Eýli Amerikan tans teatrynda Elwin Aýliniň *"Memoria" (Ýatlamalar)* eserini we Solomon R. Gagenheým muzeýinde Tino Sehgalyň *"Kiss" (Posa)* eserlerini görkezmek bolar. Golaýda bolsa ol El Paso operasynda *"West Side Story"-de (Günbatar tarapyň hekaýasy)* Anybodys roluny ýerine ýetirdi. Arends häzirki wagtda Ekran aktýorlary bileleşiginiň agzasy bolup, teleýaýlym reklamalarynda, neşirleýin reklamalarda we eserlere ses bermekde çykyş edýär.

**Ewan Kouplend** (tansçy) Massaçusets ştatynyň Framingam şäherinde dünýä inýär we Pensilwaniýa ştatynyň Kemp Hil şäherinde ösüp kemala gelýär. Ol Wewodau tans merkezinde tans edip ulalýar. Ol tans tälimine Nýü-Ýork unwersitetiniň Tiş sungat merkezinde dowam edýär we şol ýerden Inçe sungatlar boýunça bakalawr derejesini alýar, daşary ýurtda, Salzburg tans tejribe akademiýasynda gysga wagt okaýar. Soňra ol Şan Köran topary bilen işläp başlaýar. Kouplend Kaýli Abraham/AIM, Wendi Blum, Stefen Koplowitz, Bruk Notari we Elke Rindfleýş bilen hem işläpdir. Ol Greg Manleýiň döreden "Tegelek düzgünler futbol" federasiýasyna gatnaşýar. Kouplend 2008-nji ýylda Şen Wei tans sungady bilen işläp başlaýar. Ol bu taslamada Şan Köran topary bilen işlemekden lezzet alýar.

**Deýwid Gonsier** (tansçy) Nýü-Ýorkda dünýä inýär we şol şäherde kemala gelýär. Ol tans dünýäsine gijräk gelýär, Skidmor kolležinde okap ýörkä tans tälimlerine başlaýar. Okuwy gutarandan we Nýü-Ýorka gaýdyp baranyndan bäri Pol Teýlor we Elwin Eýli mekdeplerinde tälim alýar, başga-da birnäçe ajaýyp mugallymdan we horeograflardan tälim alýar. Ol häzirki zaman tans konsertlerinde, opera eserlerinde we sazly eserlerde çykyş etmek bilen ABŞ-da, Ýewropada we Aziýada gastrollara gatnaşýar.

**Toni Guglietti** (tansçy) Nýü-Ýork uniwersitetiniň Tiş sungat mekdebinden Inçe sungatlaryň bakalawry derejesini alýar. Okuwy gutarandan soň Şan Köran toparyny döreden agzalaryň biri bolýar we 1997-nji ýyldan 2004-nji ýyla çenli topar bilen sahna çykýar. Guglietti Şan Köran toparynda tans etmekden başga-da, Pitr Puççi, Braýan Bruks hereket topary, Ben Munisteri bilen çykyş edýär, şeýle hem, Nýü-Ýork şäher operasynda we Metropolitan operasynda sahna çykýar. Ol häzirki wagtda Pomfret mekdebiniň tans meýilnamasynyň tans režissýory bolup işleýär (Pomfret, Konnektikut). Ol Garward uniwersiteti, Rojer Williams uniwersiteti, Adelfi uniwersiteti we Groton mekdebi ýaly demirgazyk-gündogardaky ýokary okuw jaýlarynda okadypdyr. Guglietti Nýü-Ýork uniwersitetiniň hokkeý topary bilen ýedi sany san rekordynyň eýesidir we häzirki wagtda 1-nji hokkeý ligasynda eminlik edýär, Ol gaýtadan sahna çykyp, tans etmäge mümkinçilik döredendigi üçin Şan Körana we onuň ajaýyp toparyna minnetdarlyk bildirýär.

**Şeýn Rutkowski** (tansçy) Fordhom uniwersitetiniň Linkoln merkezini tapawutlanan dereje bilen gutardy. Çykyş eden ýerleriniň arasynda Şan Köran topary, Elison Çeýz çykyşy, *"Tap Kids"* we *"Step Up 2: The Streets" (Ýokary ädim 2: Köçeler)* bar. Sahna çykmadyk wagtlary Brodweýde ädim tanslaryny öwredýär. Has giňişleýin maglumat üçin Shanewho.info internet sahypasyna girip görüň.

**Reýçl Salzman** (tansçy) Nýü-Ýork şäherinde dünýä inýär we ösüp ulalýar, şol ýerde Amerikan balet mekdebinde we Pol Teýlor mekdebinde tälim alýar. Ol CorbinDances, Ramon Oller, LottDance we Jodi Sperling/Time Lapse bilen işläpdir. Şol bir wagtyň özünde sirk artisti bolan Salzman howada zynjyr, ýüpek we tümmek hereketleri boýunça öz horeografiýasyny ýerine ýetirýär, şeýle hem, tans edýär, elleriniň üstünde durmak we bedeniniň şeklini üýtgetmek hereketlerini ýerine ýetirýär. Nýü-Ýorkda we Londonda beýlekiler bilen bir hatarda "Box", "Floating Kabarette" we "Hiro Ballroom"-da yzygiderli çykyş edýär. Ýakynda ol Wenesiýa sungat sergisindäki Amerikan sergisine gatnaşyp, uçaryň birinji synp oturgyjyna meňzedilip ýasalan ýerde 17 minutlyk özbaşdak akrobatikany ýerine ýetirdi.

---

Gastrol barada maglumat üçin şu ýere ýüz tutuň:

IMG Artists
Carnegie Hall Tower
152 West 57th Street, 5th Floor
New York, NY 10019
Tel: 212.994.3500
artistsny@imgartists.com

ŞAN KÖRAN TOPARYNA HEMAÝAT EDIŇ
Şan Köran topary öz işini dowam etdirmekde ýurt boýunça guramalaryň we şahyslaryň hemaýatyna daýanýar. Bu döredijilikli eserleri hasam ösdürmek üçin Şan Köran toparyna goldaw hökmünde sowgat bermegiňizi haýyş edýäris. Sowgatlary şu salga iberip bilersiňiz: Curran Events, Inc., 21 First Avenue #18, New York, NY 10003. Şan Köran topary Company (Curran Events, Inc.) kanunyň 501(c)(3) bölüminde kesgitlenişi ýaly girdeji gazanmak maksady bolmadyk guramadyr we bu topara goşan goşandyňyz, kanunyň rugsat berýän çäginde doly mukdarda salgytlardan aýrylar. Sowgatlaryňyz mälim ediler.

Goldawyňyz üçin sag boluň.

---

DANCEMOTION USA™

# ŞAN KÖRAN TOPARY

## DANCEMOTIONUSA℠ BARADA

Häzirki zaman Amerikan tans tejribesini seljerýän, öwrenýän we halkara tomaşaçylara görkezýän DanceMotion USA℠ Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Daşary işler ministrliginiň Bilim we medeni işler bölüminiň meýilnamasy bolup, BAM (Bruklin saz akademiýasy) tarapyndan öndürilendir.

2012-nji ýylyň mart aýyndan iýun aýyna çenli dört tans toparynyň hersi dünýäniň bir sebitinde bir aýlyk gastrola çykýarlar: Rennie Harris Puremovement (Müsür, Ysraýyl, Palestinanyň ýerleri - Günbatar zolak); Şan Köran topary (Gazagystan, Gyrgyz Respublikasy, Türkmenistan); Jazz Tap Ensemble (Kongo Demokratiki Respublikasy, Mozambik, Kongo Respublikasy, Zimbabwe) we Treý Makintaýr taslamasy (Hytaý, Koreýa, Filipinler, Wýetnam).

ABŞ ilçihanalary gatnaşygy artdyrmaga we garşylykly pikir alyşmaga mümkinçilik döredýän özboluşly çäreleri geçirmek üçin öňdebaryjy medeni, jemgyýetçilik hyzmat, jemgyýet esasly guramalar we bilim guramalary bilen hyzmatdaşlyk edýär. Tomaşaçylar köpçüligine niýetlenen çykyşlar bilen bir hatarda kämilleşdiriş okuwlary, dersler, görkezişler, iş öwretmek, metbugat habarnamalary we ýurduň içindäki sungat işgärleri bilen tejribe alyşmak hem alnyp barylýar. Bilim we tälim üçin niýetlenen gollanmalar taslamanyň gerimini hasam giňeldýär. DanceMotionUSA.org salgysyna girip görüň.

## HYZMATDAŞLAR

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Daşary işler ministrliginiň Bilim we medeni işler bölümi halkara bilim we talyp alyş-çalşygy meýilnamalary arkaly Amerikanyň Birleşen Ştatlary bilen beýleki ýurtlaryň arasynda özara düşünişmegi goldaýar. Bölümiň Medeni meýilnamalar şahamçasy arkaly Amerikanyň Daşary işler ministrliginiň syýasatlaryny goldaýan, Amerikanyň sungatyny kämilleşdirýän, Amerikanyň beýleki medeniýetlere we däp-dessurlara hormatyny hem-de olara goýýan gadyryny görkezýän medeni tejribe alyşmak meýilnamalaryny goldaýar.

BAM täzeçilligiň gözlegindäki sungat işgärlerini, tomaşaçylary we pikirleri özünde jemlemegi, daşary ýurtly we ýerli jemgyýetleriň gatnaşmagyny üpjün etmegi öz öňünde maksat edip goýýar. Onuň uzak döwürleýin maksady, tomaşaçylaryň täzeçil we baýlaşdyryjy medeni meýilnamalary tejribe edip bilmegi üçin özboluşly gurşawy üpjün etmekden ybaratdyr. Merkezi Nýü-Ýorkuň Bruklin etrabynda ýerleşýän BAM, ABŞ-daky iň ilkinji döredilen ýerine ýetiriş sungady merkezidir we 2012-nji ýylda özüniň döredilişiniň 150 ýyllygyny belleýär. BAM.org salgysyna girip görüň.

---

*MÜMKINÇILIK DÖREDEN*

MEÝILNAMA

DEPARTMENT OF STATE · UNITED STATES OF AMERICA

ÖNDÜREN

BAM

GOŞMAÇA ESASY GOLDAWY BEREN

J.P.Morgan

RSCF ROBERT STERLING CLARK FOUNDATION

Pfizer

DANCEMOTION USA™